# ABŞ-da polisiýa awtougrularyň öňüni almak üçin AirTag geonyşanlaryny köpçülikleýin paýlamaga başlady

Nyşanlar awtoulagyň we bu enjamlaryň berkidilen, ýüklenen islendik beýleki zatlaryň hereketini yzarlamaga mümkinçilik berýär. Kolorado polisiýasy awtougrularyň köpelmegi fonunda nyşanlaryň mugt paýlanmagynyň jenaýata garşy göreşmäge kömek etjekdigine ynanýar.

Polisiýa nyşanlary “Üns beriň – yzarlaýjy bilen enjamlaşdyrylan: bu ulag ogurlanan ýagdaýynda polisiýa tarapyndan yzarlanyp bilner!” ýazgyly awtoulaglara ýelmenýän bellikler bilen bilelikde mugt paýlaýar. Nyşanlardan alnan maglumatlar, eýesi ýüz tutan ýagdaýynda, awtoulagyň ýerleşýän ýerini yzarlamak üçin polisiýa geçiriljekdigini häkimiýetler habar berdi.

Все права защищены